# Agartalylar we Gitler

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Agartalylar we Gitler

AGARTALYLAR BILEN GITLER

Agarta siwilizasiýasy bilen içgin gyzyklananlaryň biri hem faşistik Germaniýanyň öňbaşçysy Adolf Gitlerdir.
Gitleriň döwründe Germaniýada Agartanyň barlygyna ynananlaryň we onuň gizlin ýerasty merkezlerini tapmaga çalyşýanlaryň birnäçe gizlin sektalary we toparlary döredilipdir. Şonuň üçin Gitleriň Agartanyň barlygyna ynanandygy we dünýäni eýelemek üçin "Tule" atly gizlin guramanyň kömegi bilen birnäçe ylmy-barlag işlerini geçirendigi öňe sürülýär.
Uruşyň tamamlanyp barýan döwründe faşistik komandowaniýäniň ştabynyň weýran edilen binasynyň astyndan on iki sany tibetli ruhanynyň jesediniň tapylmagy-da Gitleriň ýokarda aýdylanlar bilen haýsydyr bir arabaglanyşygynyň bardygyna güwä geçýär.
"Tuleniň" taglymçylary Karl Haushoffer, Ditrih Ekkart dagylar medium ukyby bolan Adolf Gitleri we Rudolf Gessi öz peýdalaryna ulanypdyrlar.
1937-nji ýylda Gamburg munisipialetiniň başlygy faşistleriň serdary barada şeýle diýýärdi:

"Bize ruhanylaryň we dindarlaryň geregi ýok. Biz Gitleriň ýardam etmeginde Hudaý bilen gönüden-göni gatnaşyk açyp bilýäs".

Faşistik partiýany esaslandyryjylardan Ditrih Ekkart "Tuleniň" konsepsiýasyny şeýle beýan edýärdi:

"Tuleniň ähli syrlary gaýyp bolan gadymy siwilizasiýa esaslanýar. Adamzat bilen "daşarky güýçleriň" arasynda gezýän käbir araçy güýçler bu syrlaryň nämedigini bilenler üçin tükeniksiz ylham çeşmesi bolup hyzmat edýär…"

German Rauşning "Gitler maña aýdypdy" atly kitabynda: "Ýakynlarynyñ maña aýtmagyna görä Adolf Gitler gijelerine uly ses edip oýanýan eken: saññyldap düşnüksiz sözleri samyrdaýarmyş, birden-birden düşeginden atylyp turýarmyş, otagynyñ ortasynda dim-dik durýarmyş, bir nokada tiñkesini dikip "Ynha ol, bärigem gelipdir, ynha ol" diýip iññildeýärmiş, soñra ýene düşnüksiz sözleri samyrdap başlaýarmyş. Zordan höre-köşe edilip düşegine geçirensoñlaram, ýene-de düşeginden atylyp turýan eken hemem "ynha ýene geldi, burçda dur…" gohlap, uly ses edýän eken"

Käbir alymlaryñ çaklamasyna görä, Gitler gorkunç horror güýçleriñ kontrolynda bolupdyr we öz ýeten derejesinden has ýokarda bolan taglymyñ iñ aşakky, iñ ýöntem bölümini adamlara mälim edipdir.

# gizemligercekler

Geň-taňsy wakalar